# Albert Houraniniñ ýerini tutup biljek ýok

Category: Kitapcy,Publisistika,Sözler
написано kitapcy | 26 января, 2025
Albert Houraniniñ ýerini tutup biljek ýok ALBERT HOURANINIÑ ÝERINI TUTUP BILJEK ÝOK



*Albert Hourani / Fotosurat: Gud Reds*

Asly arap iñlis taryhçysy Albert Hourani aradan çykanda Oksford uniwersiteti onuñ ýerine geçer ýaly adam gözläp başlady. Oksforda ýakyn adamlar hemme ýerde Houraniniñ deregni tutup biljek adamynyñ gözlegine çykdylar.

Belli bir wagtdan soñ Houraniniñ deregni tutup biljek adamy tapmagyñ mümkin däldigini, iñ gowsy başga bir wezipede başga bir adamy gözlemekdigi aýdyldy.

Birnäçe ýyl geçenden soñ Ýujin Rogan sebit bilen baglanyşykly uzakwagtlaýyn bilimine we şahsy tejribelerine seredilip,

Albert Houraniniñ ýerine bellendi. Emma Rogan hemişe öňem aýdan sözüni gaýtalaýar: «Şu ugurda hiç kim Albert Houranä deňleşip bilmez».
«History Today» žurnaly geçen aý Rogan bilen gürrüňdeşlik geçiripdir, ol alym alym pespälliligi bilen ýen Hourani hakda öňki aýdan sözlerini gaýtalapdyr.



*Ýujin Rogan / Fotosurat: Kit Barns*
Rogandan «Taryhyň size öwreden iň esasy sapagy näme?» diýip soralanda, ol: «Ýagdaý nähili erbet bolsa bolsun, hasam erbetleşip biler» diýip jogap berýär we gürrüňdeşlik şeýle dowam edýär:
– *Size iň köp haýsy taryh kitaby täsir etdi?*
– *Amin Malufyň «Araplaryň gözi bilen haçly ýörişler» kitaby.*
– *Siziň pikiriňizçe hemmeleriň okamaly kitaby haýsy?*
– *Albert Houraniniň «Arap halklarynyň taryhy» kitaby.*
– *Haýsy döwre gidesiňiz gelýär?*
– *Antik dünýäde syýahatçy bolsam-a, hezil ederdim. At arabasyny kireýne alyp faraonlar döwrüniň Müsürine we*

*Mesopotamiýa syýahat ederdim.*
*– Size iñ köp täsirini ýetiren taryhçy kim?*
*Oksfordyñ Häzirkizaman Ýakyn Gündogaryny öwreniş institutynyñ düýbüni tutujy Albert Hourani.*
*– Okap bilmedik taryhy ýazgylaryñyz barmy?*
*– Sanap bolmajak derejede köp.*
*– Ugruñyz boýunça iñ köp ýaýran ýalñyşlyk näme?*
*– Araplaryñ syýasy üýtgeşmeleri düşündirmek üçin komplimasiýa teoriýalaryna öwrenişip bolmajak derejede açyk bolmagy.*
*– Iñ gowy muzeý haýsy?*
*– Talap bolmaýany.*
*– Dünýäni iñ köp üýtgeden tehnologiýa näme?*
*– Şahsy kompýuterimiz.*
*– Taryhy syryñ üstüni açasyñyz gelýärmi we ol syr näme bolup biler?*
*Jon Kennediniñ janyna kast edilende üç ýaşymdadym. Bu teraktyñ üstüni açasym gelerdi. Komplimasiýa teoriýalarynyñ bir gyra zyñylmagyny ýola goýmagy halaýaryn.*




Semir ATAULLAH,
Liwanly žurnalist.
Duşenbe, 10.06.2024 ý. Publisistika